# Duman daganda: Ýolbars dostuň bolsa, gaplaňa: «Ýok bol!» diýip bolýar

Category: Kitapcy,Romanlar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Duman daganda: Ýolbars dostuň bolsa, gaplaňa: "Ýok bol!" diýip bolýar



- **Ýolbars dostuň bolsa, gaplaňa: "Ýok bol!" diýip bolýar**

Serçäýew gelip-gideni bäri Hekimowyň ýüregi üzülen ýaly boldy. Ol mese-mälim horlandy, öňki dolmuş alkymlaryndan gasyn-gasyn ham sallandy. Gözlerindenem öňki guduzlyk öçüşipdi, hereketinde-de haýallyk döredi, hatda gepleýiş owazyndan hem bir sussupesligiň bardygy ikuçsyz duýulýardy.
– Saňa näm bolýa? – diýip, aýaly soňky wagtlar elewräp başlady. – Saňa göz degendir. Çüýräp ýatan raýona geldiň-de dikeldäýdiň. Hökman göz degendir.
– Ýok-la.
– Ýa wezipäňe dalaş edýärlermi? Ýöne wezipe üçin-ä horlanyp,

gaýga batyp ýörmegin. Peçatyny başlaryna atyp ur-da gaýdybergin. Gündiz oturman, gije ýatman jansebil bolşuňy bilmeýän-görmeýän bolsalar, o gözi kör bolmuşlar bilen işläp näme etjek?!

Biçäre zenan hiç zatdan bihabardy. Serçäýew bir bulaşyklyk edäýmesin diýip Hekimow bilen Agaýewiň pully, gyzylly baňkalaryň gömülen ýerlerini gijeden-gije toprak sermeşip üýtgedendiklerinden, indem Serçäýewiň neneňsi hörpden gopjagyna göz ýetirip bilmän, iki jahan pidasy bolup galandyklaryndan o zenan düýbünden bihabardy. «Wah, şi habarçydyryn diýdi, ýazyjydyrn diýdi – şuň ýaly suwytsyzlary golaýyma getirmäm ýokdy weli.. wah, ahmal galdym-da. Näden nä bolarka öýtdüm-dä» diýip, Hekimow öz ýanyndan ahmyr baryny çekýärdi.

Iň beteri hem olaryň alasarmyk halda galmagydy.

Ynha, Aman Garajaýewiň her ýyl pagta ýygymynyň öňüsyrasyndaky gezelenjine gelýänini habar berdiler. Garajaýew her raýona baryp, raýon ýolbaşçylarynyň pagta plany näçe göterime ýetirip biljegini bilýärdi, şeýdibem öz janyny barlap görýärdi.

Hekimow habary eşidenden raýon ýolbaşçylarynyň ählisini üýşürdi.

– Merkezi Komitetiň birinji sekretary ýoldaş Garajaýew gelýär. Nirä aýlanjagy belli däl, ýöne, öňler gelende, elmydama pagta meýdanyna aýlanýardy. Şoňa görä, ýol ugrunda dagap ýatan zat görünmesin, mal-garalary ekinden uzagrakda baksynlar. Heriňiz öz ýeriňizde myhmana nahar-şor taýýarladyň. Öňki gezekki ýaly, o ýok, bi ýok diýen gürrüň bolmasyn. Bäşim Gylyjowiç, sizem myhmanhanada nahar taýýarladyň, kolhozlara näme ýetmeýän bolsa berişdiriň. Kimiň soragy bar? Ýokmy? Onda heriňiz öz hojalygyňyza eglenmän ugraň.

Hekimow telefon jaňyna garaşyp uzak oturdy. Ahyry, «Size tarap ugrady, garşylaň» diýen habar geldi. Ol sekretarlary, raýispolkomyň başlygyny yzyna tirkäp, raýponyň başlygy Bäşim Gylyjowy ýanyna alyp, raýon territoriýasynyň çägine tarap gyssagly ugrady. «Hoş geldiňiz» diýen ýazgyly ýere baryp, uzak garaşyp durdular. Hekimow Bäşim Gylyjow bilen özara gürrüňleşýärdi, beýle ýanda goragçylar sessiz üýnsüz gol

gowşuryşyp durdy, raýispolkomyň başlygy Hudaýberdi Tahyrow bolsa aldygyna çilim burugsadyp, ýeke özi iki ýana gezmeleýärdi. Beýle-beýle garaşmalary köp başdan geçiren şofýorlar bolsa bir maşynyň kabinasyna üýşüp, pessaý warsaky urýardylar, gülenlerinde göz gytagyny öz başlyklaryna aýlap goýberýärdiler.
Ahyry, uzakdan Aman Garajaýewiň gorag maşynlary görnende Hekim Hekimowiç dagy ýola çykyp durdular. Ilki bir maşyn çyrasyny ýylpyldadyp, örän tiz gelşine, ýoldaky maşynlara «Saklan! Saklan!» diýip hemleli buýruk berip geçdi. Ep-esli salymdan ýene bir maşyn depesindäki gupba ýaly çyrasyny ýylpyldadyp geçdi. Yz ýanyndan gara maşyn gün şöhlesine şamar ýaly lowurdap, haýbatly süýnüp geldi-de, Hekim Hekimowiç dagynyň deňinde emaý bilen saklandy. Maşyn durup dyrmanka şofýoryň ýanyndaky oturgyçda oturan kişi gaty tiz atylyp çykdy-da maşynyň yzky gapysyny açdy. Kabinadan Garajaýew haýal çykdy-da duranlara mähirli ýylgyryp bakdy. Şol arada obkomyň birinji sekretary Ata Ataýewiç kibtini gysyp kabinadan çykdy. Häzir onuň hemişeki gabarmasy ýokdy. Garajaýew birme-bir elleşip başlady. Ol bir gören adamsynyň adyny ýatda saklamagy başaransoň, häzir öňki gören adamlarynyň adyny tutup salamlaşdy. Özem Pylany Pylanyýewiç diýip resmi salamlaşmady-da, köne tanyşlar ýaly, gaty açyk salamlaşdy. «Şeýle wezipedäki adam meniň adymy ýatda saklaýar-ow» diýip, her kimiň monça bolýandygyna ol ýagşy düşünýärdi. Garajaýew ýeke bir mylaýymlygy bilen däl, eýsem örän peşeneli geýinişi bilenem töweregindäkileriň ünsüni çekip bilýärdi. Häzir onuň egninde tomuslygyna bakman garamtyl mawy reňkli fin kostýumy bardy, gara reňkli nepis portugal köwşüni bolsa ýere basmaga dözer ýaly däldi. Ol köpçülik bilen salamlaşansoň bir gyra çykdy. Ýanynda diňe Ataýew bilen Hekimow durdy.
— Hekim, işleriň ýagdaýy neneň? — Garajaýew mylaýym sözledi.
— Işler ýagşy, Aman Garajaýewiç. Şu ýylam pagta planymyzy dolmaga doly mümkinçiligimiz bar.
— Sen plany dolmasaň, kim dolsun?! Üstüne näçeräk bolar?
— Planymyz otuz müň tonna weli, bäş müň tonna artyk bereris.
— Bäş müň tonna? Ýubileý ýylynda azrak dälmi, ýoldaş Hekim?! —

Garajaýew şo-ol öňki, içiňdäki pikirleriňi bilmäge synanýan nazaryny Hekim Hekimowiçe gönükdirdi.
– Aman Garajaýewiç…
– Ata Ataýewiç ýol boýy seni öwüp geldi…
Näme diýjegini bilmän, ýaýdanyp başlan Hekimowa derek Ataýewiň özi dillendi.
– Kyrk müň tonna berer, Aman Garajaýewiç.
Hekimow garşy bolubilmedi-de «Bereris-le» diýip umumy äheňde dillendi.
– Ata Ataýewiç Hekime nähili kömek diýse beriň. Kyrk müň tonna az pagta däl, ykjam durmak gerek.
Bu pagta tonnalaryny hasabat ýüzünde dikeltmek üçin neneňsi syrly işlere aralaşmalydygyny Garajaýewem, Ataýewem, Hekimowam, beýleki duranlaram ýagşy bilýärdiler. Emma şol tonnalaryň jikme-jik hasaby soralyp başlansa, kimiň ýakasyndan tutuljagyny hem ýagşy bilýärdiler, şoňa görä-de olarda jinnek ýaly hem gorky ýokdy «Goý, kim gol çekse, şolam jezasyny alsyn».
Garajaýew, Ataýew, Hekimow üçüsi maşyna münüp raýon merkezine tarap ugrady. Öňden ýene gorag maşynlary zymdyrylyp gitdi. Yzrakdan beýleki maşynlar barýardylar.
Garajaýew maşynda barşyna ýoluň iki çetindäki gowaçalyklara garşy-garşy göz aýlaýardy.
– Ýagşy, ýagşy. Gowaçalar gaty gowy ýetişipdir. Şu sapar, Hekim, meýdana aýlanjagam däl.
– Aman Garajaýewiç, onda bir käse çaý içäýeliň.
– Iki käse içeris. – Indi Garajaýewiň keýpi göterildi. Beýlekileri öz meýline tiz tabyn edibilşine hoş boldy. «Akly gözündedir. Tabyn bolman görsün!»
Uly myhmanlar üçin ýörite myhmanhanada häzir Garajaýew, Ataýew hem-de Hekimow dagy günortandan bäri lezzetli dynç alýardylar. Bu taýa söwda edarasynyň başlygy Bäşim Gylyjowdan özge hiç kim çagyrylmaýardy. Ol nobatçy hökmünde daşky otaglaryň birinde otyrdy we myhmanlar üçin iýmitiň gelişine, berlişine gözegçilik edýärdi. Myhmanhananyň ähli tarapynda gorag işgärleri hüşgär bakyşyp, gaýşarylyşyp durdylar.
Dürli naharlar çekilýärdi. Garajaýew birki owurt konýak

içýärdi-de bulgury goýýardy. Beýlekilerem şoňa öýkünýärdi.
Nahar başynda-da iş, wezipe gürrüňinden özge gyzykly gürrüň edilmedi. Ýöne Hekimow bu oturylyşygy özüne goýlan uly hormat hökmünde gördi. Sebäbi Garajaýew her raýonda düşlemeýär ahyry. Üstesine-de nahar başynda oňa: «Hekim jan, Ata Ataýewiç bilen agzybir işläber. Amatly bir ýer bolanda özümiz göz öňünde tutarys» diýip, köne wadasyny gaýtalady. Wezipe bilen kesellän adama mundan başga näme gerek?! Hekim Hekimowiçi näbelli bir ýokary wezipä umydygär etdiler. Ol Garajaýewiň bu ýagşylygyny hiç mahal unutmaz, neneňsi ýagşylyk bilen üzlüşmeli bolsa-da, ol taýýar. Onsoňam arkasynda Garajaýew dag ýaly direnip durka, dünýäni gaýgy etmeli däl-ä.
Bu duşuşygyň iň möhüm tarapy – Türkmenistan Kommunistik partiýasynyň Merkezi Komitetiniň birinji sekretary Aman Garajaýew, öňki gezeklerdäki ýaly, Çary Satlykowy ýatlamady, ýanyna çagyryp bile oturmady.” Diýmek diňe men raýonyň eýesy. Satlykow diýdi, Matlykow diýdi- bular bir süpük adamlardyr-la.”
Oturylyşyk tamamlanyberende jaýyň daşynda örän peşeneli geýnen, gözleri ýakymsyz bir kişi peýda boldy weli goragçylaryň biri derrew onuň öňünden çykyp saklady. O kişi durmajak boldy weli, goragçy onuň öňüne geçip zor bilen saklady.
-Siz kim? Jaýa girmek gadagan.
-Maňa gadagan däl. Men Aman Garajanyň iň ýakyn dosty. Meniň gelenimi
bildigi ýanyna çagyrar.
-Biz hiç hili hereket edip bilmeýäris. Geçmeli däl, baryň gaýdyň. Garşylyk görkezseňiz ýagdaýyňyz bulaşar.
–Şujagaz haty Aman Garaja ýetiriň. Soň näme bolýanyny görersiňiz.
Goragçylaryň biri beýleki bilen pyşyrdaşdy.
-Ýaşuly, Aşgabatda, geçen gezek oblast merkezinde-de bardyňyz dämi!?
-Hawa, hawa! Ýadyňda ekeni. Şu haty Aman Garaja tiz ýetir.- Goragçy haty aldy-da jaýa girip gitdi. Myhmanlaryň oturan jaýynyň gapysyny eşidiler-eşidilmez kakdy, gapyny ýuwaşja açyp

göni Aman Garajaýewiçiň ýanyna çybşyldap bardy. Pyşyrdap, bukjany uzatdy. Garajaýew haty okady.
-Gelsin, gelsin. O köne dostumyz Satlykowdyr.
“Satlykow” sözüni eşidenden, Hekim Hekimowiçiň depesinde şänik döwlen ýaly boldy. ”Haramzada ýol tapdy-da. Ýetişdi-dä”
Satlykow otaga girenden, Garajaýew ýerinden turup, Satlykowa baka gujak açyp, mährem ýylgyryp Satlykowy gujaklady. Satlykow Garajaýew bilen Aşgabatda-da her wagt duşuşyp bilýärdi. Ýöne bu taýda duşuşmasynyň sebäbi-duşman gözüne gum atmakdy. “Ynha, görüň! Meniň arkamda kim bar”
– Eziz dostum, seni unudypdyrys, bagyşlaweri. Gowaça diýip, pagta diýip başymyzy çaşyrdylar.- Ýoldaşlar siz bizi dostumyz bilen iki çäk goýuň. Bir salymdan ugrarys.
Satlykowyň neneňsi çişip, gaty ulumsylyk bilen bakyşyny synlan Hekim Hekimowiçiň ýüzi bagyr ýaly garalypdy. Garajaýew bilen Satlykowy bir-birege baglaýan zadyň nämeligini hiç kim anyk bilmeýärdi. “Has uly wezipe isleýänler Satlykowyň araçylygynda Garajaýewden wezipe satyn alýar” diýip güman edýänler bardy. ”Garajaýew Satlykowy gizlin şugulçy hökmünde ulanýar.” diýip pikir edýänler hem bardy. “Satlykow Garajaýewiň adamlary bilen bilelikde Owganystandan ýüzläp kilo tirýek alyp Moskwadaky ülpetlerine satýarlar” diýip oýlanýanlaram az däldi. Şeýle-de bolsa bu syr syrlygyna galýardy. Satlykow öz syrly görnüşi bilenem beýlekilerden beýikligini görkezesi gelýärdi. Haçan, nirede dogany syrly. Ata-enesiniň kimligi syrly. Ýaşaýşy syrly. Ölüşi hem syrly boljaga meňzeýär. Romanlar